## Adam we tehnologiýa



Kewin Kelli

# GUTULGYSYZ

## Biziň geljegimizi kesgitlejek 12 sany tehnologiýa trendleri

Terjime eden: **Seýitmyrat GELDIÝEW**

### 1-nji bölüm. TRANSFORMASIÝA

(Başlangyjy gazetimiziň geçen sanlarynda)

Bir hakykata akyl ýetirýänçäm, düşünýänçäm maňa tas altmyş ýyl wagt gerek bolupdyr: bu dünýäde öz durkuny, barlygyny saklamak üçin ähli zat goşmaça energiýa mätäç eken.

Termodinamikanyň meşhur ikinji kanunyna görä, hemme zadyň ýuwaş-ýuwaşdan dargamak hadysasyna sezewar bolýandygyny bilýärdim. Özi-de bu düşünje garry adamyň halyny hossa edinmegi, zeýrenji zerarly dörän düşünje däl.

Jansyz zatlaryňam — daşyň, demir sütünleriň, mis turbalaryň, asfalt ýollaryň, hatda kagyzyň hem goşmaça üns-alada bolmasa owranyp, pytrap başlaýandygyna bir wagtlar düşünipdim. Her näme bolsa-da, hemme zat bar bolmak üçin işjeň ýagdaýda saklanyşyna bagly bolýar.

Soňky döwürde geň galan iň uly zadym, maddy däl zatlaryň-da hemişelik däldigi bolsa gerek.

Bir saýtyň ýa-da programma üpjünçiliginiň işleýşini gözegçilikde saklamak, edil ýüzüp barýan ýahtany dolandyran ýaly. Men islendik mehaniki enjamyň wagtyň geçmegi bilen näme üçin hatardan çykýandygyna düşünýärin, meselem, suw sorujy: demir çyglylyk zerarly poslaýar ýa-da howa sebäpli membranalar okislenýär ýa-da çalgy ýaglary guraýar. Umumy netije, bejermeli bolýar. Şeýle bolsa-da, maddy däl, maglumatlar dünýäsinde-de şu zeýilli hadysa bolup biler diýip pikirem edemokdym. O taýda näme döwlüp biler diýsene?! Islendik zat.

Täze kompýuterleriň ählisi-de könelýär. Elektron goşundylar ulanyldygyça güýçkuwwatyny ýitirýär. Kompýuter kodlaryda synýar. Bazara ýaňyja çykan kompýuter eýýäm şu minutdan könelip ugraýar. Ony ulanmasaňyz hem, hiç hili zeper ýetirmeseňiz hem, ol öz-özünden könelýär. Enjam näçe çylşyrymly bolsa, oňa şonça-da köp üns gerek. Bu tebigy özgerişlikden, hatda iň abstrakt zat bolan maglumat birliklerde gutulgysyzdyr. Hawa, bu zatlaryň üstesine-de, sanly landşaftyň özgermek basyşy bar. Daş-töweregimizdäki zatlar yzygiderli täzelenýän wagty bu dinamika goşulyşmaga hem-de öz sanly ulgamyňyzy täzelemäge mejbur bolýansyňyz. Zol-zol haýsydyr bir enjamy çalşyp durmagy halamaýan bolmagyňyz hem ahmal, ýöne hemmeler şeýdip ýaşaýarka alajyňyz näme?! Ine, muňa hakyky ýaryş diýilýär. Men her gezek bir zady täzelemeli bolsam, göwünli-göwünsiz (gül ýaly işläp duran zady näme üçin täzelemelikä?!), iň soňkulaň biri bolup täzeleýärin. Käte şeýle bolýar: bir enjamy täzeleýän welin, başlaýar bir başagaýlyk, onuň yzy bilen beýleki enjamlaryň baryny täzelemeli bolýań. Şonuň üçin tehniki täzelenişi işini soňa goýýardym, ýogsa zerre ýalyjak bir zatjagazy çalyşmagam uzakly günki iş tertibini bulaşdyrýar diýýärdim. Häzirki wagtda sanly tehnologiýalar barha çylşyrymlaşýar, olaryň daşky dünýä baglylygy artýar hemde janly ekoulgam ýaly hereket edýär. Täzelenişleri, ýagny täzelemeli tehnologiýalary soňa goýdugymyzça, bu gijikme ahyrsoňunda has ýaramaz netijelere eltmegi ähtimal. Eger şu günki maýda-mysgal täzelenişleri şu gün amal etmesek, olar üýşüp-üýşüp, gutulgysyz, özi-de ägirt uly özgertmeleri birbada etmäge mejbur eder. Şu sebäpli men indi täzeleniş hadysasyny şahsy gigiýena hökmünde kabul edýärin: olaryň wagtlywagtynda ýerine ýetirilmegi tehniki enjamlaryň ýaşaýyş ukyplylygynyň girewidir. Tehniki enjamlar, abzallar üçin täzeleniş hyzmatynyň wagtynda edilmegi juda möhüm mesele. Indi şahsy kompýuterleriň operasion ulgamy-da edil mobil goşundylar ýaly awtomat usulda täzelenýärler. Sanly enjamlaryň öz-özüni täzelemekleri geljekde olaryň tehniki häsiýetnamasyny düýpgöter üýtgeder. Emma muňa garamazdan, bu hadysa häzir şeýle ýuwaş-ýuwaşdan, az-kemden bolýar weli, biz bu transformasiýany duýamzogam. Bu özgerişi edil tebigy hadysa ýaly kabul etmäge öwrenişipdiris. Geljekde tehniki durmuş tükeniksiz täzeleniş seriýalaryna öwrülip gider. Üstesine, özgeriş derejeleri-de hemişe ösüşde bolar. Sebäbi häsiýetnamalar üýtgeýär, tehnikanyň özenindäki zawod tarapyndan düzülen sazlamalar ýitýär, menýu özgerýär. Eger günde ulanmaýan bir goşundyňyzy ara esli wagt salyp, soň açyp görseňiz, munuň şeýledigine göz ýetirersiňiz, tanamazlygyňyz hem mümkin.

Aýdalyň, bir enjamy näçe wagtdan bäri ulanyp ýören bolsaňyz hem, yzygiderli täzeleniş kabul etmek bilen, ol sizi öwrenje kişä öwürýändir, gadžetiň haýsy tarapyndan barsamkam diýip oturansyňyz. Häzirki döwürde tükeniksiz transformasiýalaryň amala aşmagy hemme adamy öwrenjä öwürýär. Sebäbi her günki täzelenişi täzeden öwrenmeli bolýarys. Has ýokuş degýän ýeri-de, biz ömürlik öwrenmeli boljakdygymyzy boýun almaly ýerimizdir.

**Indiki sanymyzda:**

**Hawa, geljekde biziň her birimize ösüş-özgerişlerden yza galmajak bolup, çytraşyp ýören adamyň ykbaly garaşýandyr.**

---

ESASY TEMA

MOTION Design
belli creative studio

# Hereketli dizaýn

**Kerim AGANYÝAZOW,** «Belli» studiýasynyň hünärmeni.

Hereketli dizaýn häzirki wagtda media, reklama, dizaýn pudaklarynyň aýrylmaz bir bölegi boldy. Bu günki esasy temamyz bolsa, geljegiň möhüm hünäri diýip boljak şol hereketli dizaýn barada bolar.

Hereketli dizaýn (Motion design) — adyndan hem belli bolşy ýaly, grafikanyň hereket etmek hadysasy. Ýagny grafikanyň boşluk we wagt esasynda hereket edip başlamagy, grafikany täze multimedia derejesine çykardy we oňa hereketli dizaýn ýa-da hereketli grafika dizaýny diýip at berildi. Şu ýerde animasiýa bilen hereketli dizaýnyň tapawudyny belläp geçmek möhüm. Animasiýa diýip, köplenç halatda, bellibir personažy bolan we şol esasynda gürrüň berilýän hekaýanyň grafiki hereketine aýdylýar. Hereketli dizaýn diýip, abstrakt we merkezi nokadynda bir personaž bolmadyk grafikalaryň hereketlerine aýdylýar.

XX asyryň ortalaryna çenli grafika öz funksiýasyny we estetikasyny hereketsiz, ýagny durnukly görnüşde ýerine ýetirýärdi. 1960-njy ýyllarda animator Jon Uitniniň geçiren synagynyň netijesinde, grafikalar kompýuter arkaly hereketlendirilip başlanýar we ol täze wizual dil hökmünde kabul edilýär. Ondan soň grafika diýip boljak ähli zady: her dürli şekilleri, ýazgylary, 2D-3D modelleri, foto suratlary, hatda reňkleri hem hereketlendirip başladylar. Şol wagt hem Jon Uitni öz synagyndan çykan netije barada «herekete audio ýaly elementleri goşmak, ony has täsirli eder» diýip aýdýar.



Suratda: Jon Uitni hereketli dizaýny synag edýär

Jon Uitniniň şol synagyndan soňra grafika öňküsinden has üýtgeşik şekil alyp başlady, wizual effektleriň, animasiýalaryň we käbir kino tehnikalaryň esasynda ýerine ýetirilýän hereketli dizaýnyň tomaşaça ýetirýän täsiri hem artdy. Hereketli dizaýn adaty grafikadan maglumaty has düşnükli, ýeňil ýetirip, şol birwagtyň özünde gyzykly, özüneçekiji etdi. Netijede bolsa, hereketli dizaýn häzirki zaman kinolaryň titrlerinden başlap, wideo klipleriň, teleýaýlymlaryň we gepleşikleriň, kompýuter oýunlaryň, reklamalaryň, web sahypalaryň, wideo arkaly tanyşdyrylyşlaryň we ýene-de birnäçe dürlidürli interaktiw tehnologiýalaryň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Käbir wideolarda ýerine ýetirilýän hereketler nähili ýeňil, ýönekeý ýaly görünýänem bolsa, hereketli dizaýnda asyl mesele hiç kimiň başarmaýan, aýratyn täsirli effekti däldigine ünsüňizi çekesim gelýär. Hereketli dizaýn özüniň köküni grafik dizaýnyň we hereketli surat, ýagny kino dünýäsinden alyp gaýdanlygy sebäpli, şolaryň binýatlyk aýratynlyklaryna esaslanýar. Bu diýmek, hereketli dizaýny özüneçekiji edýän zat onuň çylşyrymlylygy däl-de, örän inçe, sünnälenip dokalýan ritminde. Şol sünnälenip taýýarlanan ritm hem netijede biziň gözümize hereketiň ajaýyp lezzetini berýär.

Geçen ýyl biz — «Belli» studiýanyň hünärmenleri bolup, Rotterdamda geçirilen «AGI Open» atly halkara grafika dizaýn bileleşigine gatnaşdyk we grafika dizaýny, hereketli dizaýn pudagynda dünýäniň öňdebaryjylary bilen tanşyp, olaryň leksiýalaryny diňledik. Şonda amsterdamly bir studiýanyň ýerine ýetirýän hereketli dizaýnlary bize bu ugra täzeçe seretmäge kömek etdi. Biz, adatça, ilki grafika edip, soňra ony herekete getirýän bolsak, olar ilki saz esasynda kodlama arkaly hereket döredýän ekenler. Soňra şol hereketden hem grafika emele getirýärler. Ony hem Amsterdam Simfoniýasynyň brend grafikasy hökmünde ulanýarlar.






Umuman, häzirki wagtda hereketli dizaýna Türkmenistanyň media we dizaýn pudagynda talap uly. Iň bolmanda, öz studiýamyzyň adyndan gürlesegem, bizde häzirki wagt 2D-3D hereketli dizaýny ýerine ýetirýän dizaýnçylar bolsa-da, hereketli dizaýn boýunça iş ornumyz hemişe açyk durýar. Sebäbi ähli taslamalarymyzda diýen ýaly, şu «Esasy tema» rubrikamyzda hem hereketli dizaýnyň berýän gyzygyndan we täsirinden peýdalanmaga çalyşýarys. Muny biziň web sahypamyzda ýa-da beýleki wideo saýtlarda goýýan taslamalarymyzdan we ýylyň jemi boýunça taýýarlaýan wideolarymyzdan hem görüp bilersiňiz.

Garaz, wideo we dizaýn hünäri bilen gyzyklanýan ýaşlara geljekde has hem gerekli hünär boljak hereketli dizaýny öwrenip başlamagy maslahat berýärin. Her bir hünärde bolşy ýaly, onuň hem tehniki tarapyny, ýagny programmasyny öwrenmek kyn däl. Emma sözüň doly manysynda hereketli dizaýnçy bolmak üçin yhlas, zähmet we wagt gerek bolýar. Ritm duýgurlygy ýokary bolan we hereketiň berýän gyzygyndan lezzet alýanlar bolsa, has çalt öwrenýärler.




Iň möhüm zat hem hereketli dizaýnyň döredijilik hünäri bolmagydyr. Ondaky giň mümkinçilikler dizaýnçynyň hiç haçan içini gysdyrmaýar, hatda hereketli dizaýnyň berjek estetikasy dizaýnçyny döredijilik tarapdan kämilleşdirip bilýär.



---

Durmuşda özümi alyp barşymda men hemişe: nähili bolmaly bolsa, şeýle-de bolar diýen ýörelgeden ugur aldym. Netijede, eger-de şeýle pursat bar bolsa, hemme zat, umuman, öz ornuna barar. **Iosif Brodski**

Kim nämedir bir zada höwes bilen ýapyşýp, hyjuw bilen hereket etmegi başarýan bolsa, oňa arzuw edýän durmuşynda ýaşamak hem başardar. **Ardeşir Hagmaýer**